Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda 665 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky № 93-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 5

# „BAGLY TARAPLAR HAKYNDAKY MAGLUMATY AÇMAK“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler....................1-2
Kesgitlemeler....................3-13
Maglumaty açmak....................14-19
Güýje girýän senesi....................20

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady gözegçilikde bolýan bagly taraplar bilen bar bolan özara gatnaşyklary açmak, şeýle hem edara bilen bagly taraplaryň arasyndaky amallar hakyndaky maglumatlary açmak baradaky talapdan ybaratdyr. Bagly taraplar hakynda maglumatlary açmakda ýörelgeleýin mesele edara gözegçiligi amala aşyrýan ýa-da hasabat berýän edara düýpli täsir edýän taraplary tapawutlandyrmak we şunuň ýaly taraplar bilen geçirilen amallar hakyndaky açylmaly maglumatlary kesgitlemek bolup durýar.

2. Şu standart bagly taraplar bilen gatnaşyklar we şunuň ýaly taraplar bilen belli bir amallar hakyndaky maglumatlar açylanda ulanylýar.

## KESGITLEMELER

3. Şu standartda aşakdaky adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Esasy dolandyryş işgärleri:**

a) edaranyň ähli direktorlary (ýolbaşçylary); we

b) hasabat berýän edaranyň işini meýilnamalaşdyrmak, oňa ýolbaşçylyk we gözegçilik etmek meselelerinde ygtyýarlyklar berlen we jogapkärçilik ýüklenen beýleki adamlar. Şu talabyň ýerine ýetirilen ýagdaýynda esasy dolandyryş işgärleri şulary öz içine alýar:

hasabat berýän edaranyň işini meýilnamalaşdyrmak, oňa ýolbaşçylyk we gözegçilik etmek meselelerinde ygtyýarlyklar berlen hem-de jogapkärçilik ýüklenen ýolbaşçylyk edýän edaranyň agzasyny;

ýokarda görkezilen şahsyň esasy geňeşçilerini; şeýle hem

ýerine ýetiriji direktory ýa-da direktorlary goşmak bilen, hasabat berýän edaranyň uly esasy işgärlerini.

**Gözegçilik –** edaranyň maliýe we amallar babatynda çözgütlerine gözegçilik etmek ýa-da düýpli täsir etmek boýunça berlen ygtyýarlyklara hem-de jogapkärçilige laýyklykda edaranyň hereketlerine syn etmek.

**Bagly tarap –** taraplaryň biri beýleki tarapa gözegçilik edip ýa-da maliýe we gündelik çözgütleri kabul etmek işine düýpli täsir edip bilýän bolsa ýa-da bagly tarapyň edarasy beýleki edara bilen umumy gözegçilikde bolýan bolsa, taraplar bagly hasap edilýär. Bagly taraplara şular degişlidir:

a) hasabat berýän edara göni ýa-da bir ýa birnäçe araçylaryň üstünden gytaklaýyn gözegçilik edýän ýa-da onuň gözegçiliginde bolýan edaralar;

b) esasy dolandyryş işgärleri.

**Bagly taraplaryň arasyndaky amal** - töleg alynýandygyna ýa-da alynmaýandygyna garamazdan, bagly taraplaryň arasynda serişdeleriň ýa borçnamalaryň berilmegi. Hasabat berýän edara ýa-da özüniň bir bölegi bolup duran hökümete diňe ykdysady garaşlylyk sebäpli bagly taraplar bolup durýan beýleki edaralar bilen amallar bagly taraplaryň arasyndaky amallara degişli däldir.

**Esasy dolandyryş işgärlerine hak-heşdekler –** esasy dolandyryş işgärleri tarapyndan hasabat berýän edaranyň dolandyryş edarasynyň agzasy ýa-da gullukçysy hökmünde eden hyzmatlary üçin hasabat berýän edaradan göni ýa gytaklaýyn alynýan öwez tölegi ýa-da peýda (bähbit).

**Esasy dolandyryş işgärleri**

4. Eger şunuň ýaly edaranyň işi meýilnamalaşdyrmak, ýolbaşçylyk we gözegçilik etmek üçin ygtyýarlyklary bar bolsa we onuň üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, esasy dolandyryş işgärleri hasabat berýän edaranyň ähli direktorlaryny (ýolbaşçylaryny) öz içine alýar. Hökümet derejesinde ýolbaşçy edara saýlanan ýa-da bellenen wekillerden ybarat bolup biler.

5. Edara özüniň bir bölegi bolup duran, ýolbaşçylyk edýän hökümet edarasynyň saýlanan ýa-da bellenen wekili tarapyndan gözegçilik edilýän halatynda, eger gözegçilik boýunça wezipe şu edaranyň işini meýilnamalaşdyrmak, oňa ýolbaşçylyk we gözegçilik etmek boýunça hukuklary hem-de jogapkärçiligi öz içine alýan bolsa, onda ol adam esasy dolandyryş işgärleriniň düzümine goşulýar.

6. Ýolbaşçylyk edýän edara ýerine ýetiriji direktor hem-de ýokary dolandyryş düzümi bilen bilelikde edaranyň işiniň meýilnamalaşdyrylyşy, oňa ýolbaşçylyk we gözegçilik edilişi üçin, edaranyň serişdeleriniň dolandyrylyşy hem-de guramanyň umumy maksatlarynyň we wezipeleriniň amala aşyrylyşy üçin ygtyýarlydyr hem-de jogapkärdir. Diýmek, esasy dolandyryş işgärleri hasabat berýän edaranyň ýerine ýetiriji direktoryny we ýokary dolandyryş düzümini öz içine alýar.

**Bagly taraplar**

7. Bagly taraplar bilen mümkin bolan ähli özara gatnaşyklara seredilende esasy üns özara gatnaşyklaryň diňe bir hukuk görnüşine däl-de, eýsem şol gatnaşyklaryň düýp esasyna gönükdirilmelidir.

8. Eger esasy dolandyryş edarasynyň agzasy şol bir wagtda iki edarada

işleýän bolsa, onda iki edaranyň arasynda özara amallar geçirilende bu şahsyň iki edaranyň hem syýasatyna täsir etmek mümkinçiligine seredilmelidir we onuň ähtimallygyna baha berilmelidir. Emma, diňe şol bir agzanyň iki edaranyň esasy dolandyryş edaralarynda bolmagynyň özi bagly taraplaryň özara gatnaşygyny hökmany suratda döredip durmaýar.

9. Şu standart bilen baglylykda aşakdaky edaralar bagly taraplar hasap edilmeýär:

a) edaranyň işewürlik işiniň barşynda maliýe serişdelerini berýän edara;

b) onuň bilen gatnaşyklar diňe agentlik gatnaşyklary bolup duran edara.

10. "Bagly tarap" kesgitlemesi bir tarapyň beýleki tarapa düýpli täsir edip bilýän ýagdaýlaryny hem öz içine alýar. Şahsy tarapyň ýa-da edaranyň hasabat berýän edara gözegçilik etmek boýunça ygtyýarlyklary bolup biler, bu bolsa olara hasabat berýän edaranyň maliýe we amal çözgütlerine düýpli täsir etmäge mümkinçilik berýär, ýöne olara gözegçilik etmäge mümkinçilik bermeýär.

11. Bagly taraplaryň özara gatnaşyklary jemgyýetçilik böleginiň ähli ugurlarynda bardyr, çünki:

a) dolandyryş birlikleri ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň (hökümetiň) we ahyr netijede Tükmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da hukuk derejesi boýunça şoňa meňzeş, saýlanan ýa bellenen adamlardan durýan edaranyň umumy ýolbaşçylygynda bolýarlar, dolandyryş birlikleriniň ählisi döwletiň syýasatyny durmuşa geçirmek üçin bilelikde işleýärler;

b) döwletiň ministrlikleri we pudak edaralary öz borçlarynyň dürli böleklerini amal etmek hem-de wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan çäreleri köplenç aýry-aýry gözegçilik edilýän edaralaryň üstünden we özleriniň düýpli täsirinde bolýan edaralaryň üstünden durmuşa geçirýärler; we

ç) ministrler ýa-da hökümetiň we ýokary dolandyryş düzüminiň beýleki saýlanan ýa-da bellenen agzalary ministrligiň we pudak edarasynyň işine düýpli täsir edip bilerler.

12. Bagly taraplaryň arasyndaky belli bir özara gatnaşyklary, bagly taraplaryň arasyndaky amallary we şol amallaryň esasynda ýatan özara gatnaşyklary açmak hasabatlylyk maksatlary üçin zerurdyr we ol hasabat berýän edaralar tarapyndan berilýän maliýe hasabatlaryna peýdalanyjylaryň gowy düşünmegine ýardam edýär, çünki:

a) bagly taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklar beýleki edara bilen iş salyşylanda edara tarapyndan özüniň aýratyn maksatlaryna ýermek üçin peýdalanylýan ýörelgelere täsir edip biler; şeýle hem beýleki edaralar bilen hyzmatdaşlygyň umumy ýa-da toparlaýyn maksatlaryna ýetmek üçin peýdalanylýan usullaryna täsir edip biler;

b) bagly taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklar edarany töwekgelçiliklere getirip biler ýa-da oňa şular ýaly özara gatnaşyklaryň bolmadyk ýagdaýynda ýüze çykyp bilmejek mümkinçilikleri berip biler;

ç) bagly taraplar bagly däl taraplaryň goşulyp bilmejek amallaryna goşulyp bilerler ýa-da adatça bagly däl taraplar üçin häsiýetli bolan şertlerden tapawutlanýan beýleki şertlerde geçirilýän amallary geçirmäge razylyk berip bilerler. Şeýle ýagdaý köplenç döwletiň ministrliklerinde we pudak edaralarynda

bolup geçýär, olarda harytlar hem-de hyzmatlar ministrlikleriň arasynda hasabat berýän edaranyň we hökümetiň öňünde goýlan wezipelere laýyklykda, adaty amal düzgünleriniň bir bölegi hökmünde, özüne düşýän gymmatyndan pes bahadan berilýär.

**Esasy dolandyryş işgärlerine tölenýän hak-heşdekler**

13. Esasy dolandyryş işgärlerine tölenýän hak-heşdekler ýolbaşçy edaranyň agzalary ýa-da işgärler hökmünde şahsy adamlar tarapyndan özleriniň hasabat berýän edara eden hyzmatlary üçin alýan hak-heşdeklerini öz içine alýar. Ýolbaşçy edaranyň agzalary ýa-da işgärler hökmünde däl-de, başga islendik şahs hökmünde edilýän hyzmatlar üçin edaradan göni ýa-da gytaklaýyn alynýan peýdalar (bähbitler) şu standartyň "esasy dolandyryş işgärlerine tölenýän hak-heşdekler" kesgitlemesiniň täsirine düşmeýär. Esasy dolandyryş işgärlerine tölenýän hak-heşdekler diňe adamlaryň hasabat berýän edaranyň bähbidi üçin çeken harajatlarynyň öwezlik tölegi, mysal üçin, iş sapary mahalynda ýaşamak üçin çykdajylaryň öwezini dolmak hökmünde geçirilen tölegleri öz içine almaýar.

## MAGLUMATY AÇMAK

14. Bagly taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklar, gözegçiligiň bar ýerinde, bagly taraplaryň arasynda haýsydyr bir amalyň geçirilendigine ýa-da geçirilmändigine garamazdan, açylmalydyr.

15. Bagly taraplaryň arasyndaky amallar boýunça (muňa adaty üpjün ediji bilen ýa-da alyjy/müşderi bilen şol bir ýagdaýlarda şahsy tarap ýa-da edara bilen geçirilýän garaşsyz amallar üçin häsiýetli bolan şertlere meňzeş şertlerde amala aşyrylýan amallar girmeýär) hasabat berýän edara şulary açmaga borçlydyr:

a) bagly taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň häsiýetini;

b) amala aşyrylan amallaryň görnüşlerini; we

ç) amallaryň edaranyň işi üçin zerurdygyny düşündirmek üçin zerur we çözgüt kabul etmek üçin hem-de maliýe hasabatlylygy maksatlarynda maliýe hasabatlarynda degişli we dogry maglumatlaryň berilmegini üpjün etmek üçin ýeterlik bolan, amallaryň düzüm böleklerini.

16. Aşakda bagly taraplaryň arasyndaky amallaryň hasabat berýän edara tarapyndan açylmagyna getirip biljek ýagdaýlar görkezilýär:

a) hyzmat etmek ýa-da almak;

b) harytlary (taýýar ýa-da tamamlanmadyk harytlar) satyn almak ýa bermek/satmak;

ç) emläkleri we beýleki aktiwleri satyn almak ýa-da bermek/satmak;

d) agentlik ylalaşyklary;

e) lizing ylalaşyklary;

ä) ylmy barlaglary we işläp taýýarlamalary bermek;

f) ygtyýarnama ylalaşyklary;

g) maliýeleşdirmek (karzlary, düýpli maýa goýumlary, pul ýa-da haryt görnüşindäki grantlary goşmak bilen we harajatlary paýlaşmak hakynda ylalaşygy

goşmak bilen, maliýe goldawynyň beýleki görnüşlerini); we

h) kepillendirmeler we girewler.

17. Umumy maliýe hasabatlylygynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, bagly taraplaryň arasyndaky amallar baradaky açylmagy zerur bolan maglumatlar, adatça şulary öz içine alýar:

a) bu amala çekilen bagly taraplar bilen gatnaşyklaryň häsiýetiniň beýany. Mysal üçin, bu gatnaşyklaryň gözegçilik edýän edara bilen, umumy gözegçilikde bolan edara bilen ýa-da esasy dolandyryş işgärleri bilen gatnaşyklar bolup durýandygy ýa däldigi açylmalydyr;

b) amallaryň her bir giň topary boýunça bagly taraplaryň arasyndaky amallaryň beýany, anyk pul möçberinde ýa-da bu toparyň möçberlerinde toparyň ululygyny görkezmek bilen we/ýa-da tapawudy görkezmek bilen;

ç) bagly taraplar bilen amallar boýunça möhletleriň we şertleriň gysgaça syny, bu şertleriň garaşsyz taraplaryň arasynda geçirilýän şoňa meňzeş amallar üçin häsiýetli şertlerden nähili tapawutlanýandygyny açyp görkezmegi goşmak bilen; we

d) üzülmedik maddalaryň pul möçberleri ýa-da degişli möçberleri.

18. Häsiýeti boýunça meňzeş maddalar jemlenen görnüşde açylyp bilner, çözgütleri kabul etmek we maliýe hasabatlylygy üçin degişli hem-de dogry maglumatlaryň berilmegini üpjün etmek maksady bilen, maglumatlaryň aýratynlykda açylmagynyň zerur bolýan halatlary muňa girmeýär.

19. Edara şulary açmalydyr:

a) esasy dolandyryş işgärleriniň jemi hak-heşdekleriniň möçberini we doly iş bilen üpjünçilik ekwiwalentiniň esasynda kesgitlenen, belli bir topar boýunça hak-heşdek alýan adamlaryň sanyny, esasy dolandyryş işgärleriniň esasy toparlaryny aýratynlykda görkezip hem-de her bir toparyň beýanyny goşmak bilen;

b) hasabat berýän edara tarapyndan esasy dolandyryş işgärlerine tölenýän beýleki hak-heşdekleriň we öwezlik tölegleriniň ählisiniň umumy pul möçberini;

ç) esasy dolandyryş işgärleri bolup durmaýan adamlara giňden elýeter bolup durmaýan karzlar boýunça we olar boýunça maglumatyň giň jemgyýetçilige mälim bolmadyk karzlary boýunça esasy dolandyryş işgärleriniň her bir agzasyna degişlilikde şu maglumatlar açylmalydyr:

hasabat döwründe berlen karzlaryň pul möçberi we olaryň möhletleri we şertleri;

hasabat döwründe üzülen karzlaryň pul möçberi;

ähli karzlar boýunça ahyrky tapawudyň we debitor algynyň möçberi; we

şahs edaranyň direktory ýa-da onuň ýolbaşçy edarasynyň ýa ýokary dolandyryş düzüminiň agzasy bolup durmaýan halatynda, bu şahsyň sanalyp geçilen şahslar bilen özara gatnaşygynyň derejesini görkezmek talap edilýär.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

20. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart jemgyýetçilik bölegi üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 20 „Bagly taraplar hakyndaky maglumatlary açmak“ (IPSAS 2007) laýyklykda işlenip düzüldi, muňa şular girmeýär:

käbir bölümleriniň düşnükli bolmagy üçin olara düzediş girizildi;

paý gurallarynyň esasyndaky amallara degişli bölümler aýryldy;

şahsy tarapyň ýakyn maşgala agzalaryna degişli düzgünler we açmaga bildirilýän talaplar aýryldy.